# Assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy

## Öňdebaryjy tejribe: möhüm taraplary

Resmi däl terjime; mazmuny BMG-niň ÝD tarapyndan barlanylmadyk
Unofficial translation; content not verified by the UNSR

### Biz birleşme hökmünde hasaba alynmalymy?

Ýok

Assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy hasaba alnan we hasaba alynmadyk birleşmeleri deň derejede goraýar. Hasaba alynmadyk birleşmelere gatnaşýan şahsy taraplar kanuny işiň islendik görnüşini amala aşyrmaga mümkinçilikleri bolmalydyr, şol sanda parahat ýygnaklary geçirmäge we olara gatnaşmaga hukuklary bolup, jenaýat yzarlanmasyna sezewar bolmaly däldirler (A/HRC/20/27, 14 sahypa, 56 bent).

### Assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugyny maňa degişlilikde ulanyp bolarmy?

Hawa

Siziň kimdigiňize garamazdan, Raýat we syýasy hukuklar barada Halkara paktyň 22-nji maddasy (MPGPP) Paktda (hukuklaryň kemsidilmezligi baradaky 2-nji madda) we Adam hukuklary boýunça Geňeşiň 15/21, 21/16 we 24/5 belgili rezolýusiýalarynda göz öňünde tutulyşy ýaly, hemmeleriň birleşmek üçin hukuk azatlyklarynyň bardygyny ykrar edýär. Bu Geňeş öz 24/5 belgili rezolýusiýasynda Internetde bolşy ýaly, hakyky durmuşda hem ähli adamlaryň parahat ýygnaklary geçirmek hukugyna we assosiasiýalaryň azatlygyna, şol sanda saýlawlar geçirilende az toparlaryň wekillerini goşmak bilen, bu hukuklaryň amala aşyrylmagy we öňe sürülmegi babatyndaky özboluşly pikirlere we garaýyşlara hormat goýmaga hem-de goramaga borçludygyny döwletlere ýatladýar (A/HRC/26/29, 9 sahypa, 22 bent). Kanunçylyk hiç kime, şol sanda çagalara, daşary ýurt raýatlaryna, etniki we dil aýratynlyklary boýunça ilatyň azlyk edýän böleginiň wekillerine, adaty däl jynsy gözükdirmesine eýe bolan şahslara, aýallara we beýlekilere anyk çäklendirmeleri goýmaly däldir (A/HRC/20/27, 14 sahypa, 54 bent; A/HRC/26/29, 6-7 sahypa, 18 bent). Assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy ýuridiki şahslara aýry-aýrylykda hem degişlidir (mysal üçin, iki assosiasiýa birleşmek barada çözgüt kabul edende).

### Assosiasiýa bolan hukugy amala aşyrmaklyga ýardam bermek babatynda döwletiň haýsy-da bolsa borjy barmy?

Hawa

Birleşmeleriň işine ýardam berýän şertleri döretmek we goldaw bermek üçin döwletler oňyn çäreleri amala aşyrmaga borçludyrlar. Birleşmeleriň agzalarynyň howplardan, gorkuzmalardan we zorlamakdan, şol sanda yzarlamalardan, degişli ýuridiki çäreleri berjaý etmezden jezalandyrmakdan, eden-etdilikli tussag etmekden ýa-da tutup, saklamakdan, gynamalardan, köpçülikleýin habar beriş serişdelerindäki töhmetden, bir ýerden başga bir ýere ornuňy üýtgetmegiň gadagan edilmeginden ätiýaç etmän, assosiasiýanyň azatlygyna bolan hukuklaryny amala aşyrmaga mümkinçilikleri bolmalydyr (A/HRC/20/27, 15-16 sahypa, 63 bent). Döwletler assosiasiýanyň azatlygyna esassyz päsgel bermeli däldirler. Birleşmeleriň agzalary onuň tertipnamasyny, düzümini we işini erkin kesgitlemeklige hem-de döwleti goşmazdan, çözgüt kabul etmeklige mümkinçilikleri bolmalydyr. Mundan başga-da, birleşmeler öz garaýyşlaryny beýan etmek, maglumatlary ýaýratmak, öz işine jemgyýetçiligi çekmek hem-de hökümetiň we adam azatlyklary baradaky halkara guramalarynyň öňünde öz hukuklaryny we garaýyşlaryny goramak hukugyndan peýdalanyp biler (A/HRC/20/27, 16 sahypa, 64 bent).

### Eger-de men ýuridiki şahsy döretmek islesem, onuň hasaba alynmagyny talap ederlermi?

Hawa

Hususy hukuk ukyby bolan birleşme ol ýa-da beýleki görnüşde döredilende onuň hasaba alynmagyny talap etmek ýerlikli hasaplanylýar, ýöne bu ýagdaýda hökümet işgärleriniň ak ýürekli, öz wagtynda we köre-körlüksiz hereket etmekleri möhümdir. Ýörite dokladçy çylşyrymly bolmadyk we amala aşyrylmagy aňsat bolan işleri, şol bir wagtda, mümkin, mugt we dessin çäreleri öňdebaryjy tejribä degişli edýär (A/HRC/20/27, 27 sahypa, 57 bent; A/HRC/RES/22/6). Hasaba alyş işi rugsatnamany almak synagyna öwrülmeli däldir. Hususan-da, gurama döredilende rugsat berýän tertip däl-de, eýsem, habar berýän tertip hereket etmelidir (A/HRC/20/27, 21 sahypa, 95 bent). Habar beriş tertibinde guramanyň döredilendigi barada ony esaslandyryjylar hökümet wekillerine habar beren pursatyndan birleşme ýuridiki şahsyň derejesine eýe bolýar. Şol bir wagtda şeýle habaryň berilmegi assosiasiýanyň hereket etmeginiň deslapky şerti bolmaly däldir (A/HRC/20/27, 15 sahypa, 58 bent). Täze kabul edilen kanunlar ozal hasaba alnan birleşmeleriň gaýtadan hasaba alynmagyny talap etmeli däldir (A/HRC/20/27, 15 sahypa, 62 bent).

### Hökümet edaralary maňa mälim etmezden, meniň arzamy kesgitsiz wagta çenli gaýra goýup ýa-da ony yzyna gaýtaryp bilermi?

Ýok

Hasaba alýan edaralar haýal etmän, hereket etmäge borçludyrlar, kanunyň bolsa tabşyrylan resminamalar boýunça çözgüt kabul etmegiň gysga möhletini kesgitlemegi zerurdyr. Bu döwürde, eger-de entek ters ýagdaý subut edilmedik bolsa, birleşme kanuny esasda hereket edýär diýlip hasaplanylýar. Eger-de anyk bellenen gysga möhletde jogap berilmese, onda birleşme kanuny esasda hereket edýär diýlen netijä gelinýär (A/HRC/20/27, 15 sahypa, 60 bent). Tabşyrylan resminamalaryň ýa-da arzanyň yzyna gaýtarylmagy barada kabul edilen islendik çözgüt anyk delillendirilmelidir we öz wagtynda ýazmaça görnüşinde ýüz tutan tarapa ýetirilmelidir. Resminamalary yzyna gaýtarylan birleşmäniň şeýle çözgüdiň garaşsyz we adalatly kazyýetde seredilmegine mümkinçiligi bolmalydyr (A/HRC/20/27, 15 sahypa, 61 bent).

### Birleşmelere we täjirçilik guramalaryna döwlet deň garamaga borçlumy?

Hawa

Hökümet edaralarynyň raýat jemgyýetiniň guramalaryna kynçylyklary döretmekden gaça durmagy zerurdyr. Bu edaralar täjirçilik guramalary babatynda ulanylmaýan we birleşmä degişlilikde bellenilenen barlag geçirmegiň çenden aşa düzgünlerini, çäreleri we beýleki talaplary ulanmakdan saklanmalydyr (A/HRC/23/39, 8 sahypa, 24 bent). Birleşmeleriň hasaba alynmagy, mysal üçin, täjirçilik guramalarynyň hasaba alnyşyndan has çylşyrymly ýa-da zähmeti köp talap edýän bolmaly däldir (A/HRC/26/29/Add.2, 14-15 sahypa, 56-58 bentler).

### Birleşme näme?

«Birleşme» («assosiasiýa») haýsy-da bolsa bir çygyrda bilelikde hereket etmek we umumy bähbitleri beýan etmek, öňe sürmek, amala aşyrmak ýa-da goramak üçin ýygnanan fiziki we/ýa-da ýuridiki şahslaryň islendik toparyna düşünilýär (A/HRC/20/27, 13 sahypa, 51 bent). Birleşmeleriň ýaýran käbir görnüşleri raýat jemgyýetiniň guramalaryny, klublary, kooperatiwleri, döwlete degişli bolmadyk guramalary, dini birleşmeleri, syýasy partiýalary, kärdeşler arkalaşyklaryny, gaznalary, «onlaýn» tertipde, ýagny häzirki döwürde hereket edýän birleşmeleri öz içine alýar (A/HRC/20/27, 13 sahypa, 52 bent).

### Assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy diýmek näme?

Ýönekeý söz bilen aýdylanda, assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy pikirdeşleriň toparyny döretmek ýa-da olara goşulmak, umumy bähbitlere eýermek hukugyny goraýar. Toparlar resmi ýa-da resmi däl bolup bilerler; assosiasiýanyň azatlygy bilen bagly hukugyň hereket etmegi üçin birleşmäniň hasaba alynmagy hökman däldir (A/HRC/20/27, 14 sahypa, 56 bent). Birleşmäni esaslandyrmak üçin 2 sany adamyň bolmagy ýeterlikdir (A/HRC/20/27, 14 sahypa, 54 bent).

### Näme üçin assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy şeýle wajyp?

Assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy – adamlaryň eýe bolan hukuklarynyň iň wajyp görnüşleriniň biridir. Parahat ýygnaklara bolan hukuk bilen bir hatarda ol adamlara öz tagallalaryny birleşdirmek we umumy bähbitleriň hatyrasyna işlemeklige mümkinçilik berýän adamyň esasy hukuklarynyň biri bolup durýar. Ol hukugyň beýleki görnüşlerini, ýagny raýat, medeni, ykdysady, syýasy we durmuş hukuklaryny amala aşyrmagyň serişdesidir (A/HRC/20/27, 5 sahypa, 12 bent). Şeýle-de assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy netijeli demokratik ulgamlaryň ýüze çykmagynda we hereket etmeginde möhüm orny eýeleýär. Çünki, olar az toparlaryň ýa-da razy dälleriň pikirlerine we garaýyşlaryna hormat goýulýan ýerlerde gepleşikleri, plýuralizmi, tolerantlygy we liberalizmi üpjün etmeklige mümkinçilik berýän gural bolup durýar (A/HRC/20/27, 20 sahypa, 84 bent).

**Maýna Kiai BMG-niň ýörite dokladçysynyň parahat ýygnaklarynyň we assosiasiýalaryň azatlyga bolan hukugy soraglary boýunça doklady (2014-nji ýylyň noýabr aýynda çap edildi)**

# Assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy

## Öňdebaryjy tejribe: möhüm taraplary – sahypa 2



### Assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy onuň çeşmelere elýeterlilik mümkinçiligini öz içine alýarmy?

**Hawa**

Birleşmeleriň ýerli, daşary ýurt we halkara çeşmelerden gözlemek, almak we peýdalanmak mümkinçilikleri assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugynyň aýrylmaz we möhüm bölegidir (A/HRC/20/27, 17 sahypa, 67 bent; A/HRC/23/39, 4 sahypa, 8 bent).«Çeşmeler» adalgasy giň düşünje bolup, ol pul serişdeleriniň geçirilmegini, pul däl görnüşinde amala aşyrylýan haýyr-sahawat işlerini, maddy serişdeleri, adam resurslaryny we beýlekileri öz içine alýar (A/HRC/23/39, 5 sahypa, 10 bent). Ýerli we daşary ýurt maliýe serişdelerini almak üçin hökümetiň rugsatnamasy hökman däldir (A/HRC/20/27, 17 sahypa, 68 bent); hasaba alnan we hasaba alynmadyk birleşmeleriň ýerli, daşary ýurt we halkara ýuridiki şahslardan maliýe we beýleki serişdeleri erkin gözlemäge hem-de almaga hukuklary bolmalydyr (A/HRC/20/27, 17 sahypa, 68 bent). Bu barada has giňişleýin maglumaty Ýörite dokladçynyň Demokratiýalar Bileleşigi bilen bilelikde taýýarlan «Raýat giňişligini we çeşmelere bolan elýeterlilik hukugyny goramagyň umumy ýörelgeleri» atly çykyşyndan alyp bolar.

### Assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy Internetde hereket edýärmi?

**Hawa**

Döwletler Internetde hem, hakyky durmuşda hem assosiasiýa bolan hukugy hormatlamaga we goralmagyny hemmetaraplaýyn üpjün etmäge borçludyr (Adam hukuklary baradaky Geňeşiň rezolýusiýasy 24/5). Internet, hususan-da, sosial torlar we beýleki maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary hakykat ýüzünde assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugyny durmuşa geçirmäge ýardam berýän möhüm gurallaryň biridir. Şeýle-de adamlaryň wirtual dünýäde birleşmäge, öz garaýyşlaryny beýan etmek üçin Internetde ýygnanyşmaga hukuklary bardyr (Adam hukuklary baradaky Geňeşiň rezolýusiýasy 21/16). Ähli döwletler islendik wagtda, şol sanda syýasy durnuksyzlyk şertlerinde hem Internete elýeterliligi üpjün etmelidir (A/HRC/17/27, 79 bent). Internet-kontentiň ýapylmagy bilen baglanyşykly islendik çözgüt ygtybarly kazyýet edaralary ýa-da syýasy, täjirçilik ýa-da beýleki täsirlerden garaşsyz bolan edaralar tarapyndan kabul edilmelidir (şol ýerde).

### Häkimiýet birleşmäniň içki işlerine goşulyp bilermi?

**Ýok**

Hökümet edaralary Raýat we syýasat hukuklary barada Paktyň 17-nji maddasyna laýyklykda birleşmäniň içerki işlerine goşulmakdan saklanmaklyga we onuň hususy durmuşynyň eldegrilmesizligine hormat goýmaklyga borçludyrlar (A/HRC/20/27, 16 sahypa, 65 bent). Hökümet edaralarynyň birleşmeleriň çözgütlerini we işini haýsy-da bolsa bir şertlere bagly etmäge, dolandyryş düzüminiň agzalarynyň saýlawlaryny bes etmäge, kabul edilýän çözgütleriň hukuk güýjüni hökümet wekilleriniň gatnaşmaklaryna bagly etmäge, birleşme tarapyndan taýýarlanan dokladlary çap edilmeginden ozal olary talap etmäge, tassyklatmak üçin iş meýilnamasyny talap etmäge hukuklary ýokdur (şol ýerde). Garaşsyz guramanyň işiniň açyklygynyň we hasabat bermegiň mehanizmi bolup durýan birleşmäniň hasaba alyş resminamalaryny barlamaklyga hukugy bardyr. Ýöne şeýle çäreler esassyz geçirilmeli däldir. Olar hukuklaryň kemsidilmegine ýol bermezlik ýörelgesini we şahsy durmaşa eldegrilmesizlik hukugyna hormat goýmalydyrlar (şol ýerde).



### Esasy halkara resminamalary:

Raýat we syýasy hukuklar hakynda Halkara Pakt, 22-nji madda:

1. Her bir adamyň başgalar bilen birleşmäge azatlygy bardyr, şol sanda öz bähbitlerini goramak üçin kärdeşler arkalaşygyny döretmäge we olara girmäge hukugy bardyr.

2. Bu hukukdan peýdalanmakda döwlet we jemgyýetçilik howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertip-düzgünini, ilatyň saglygyny we ahlaklylygyny goramak ýa-da beýleki şahsyýetleriň hukuklaryny we azatlygyny goramak nukdaýnazaryndan kanun tarapyndan göz öňünde tutulan we demokratik jemgyýetde zerur bolan ýagdaýlardan başga hiç hili çäklendirme goýulmaýar. Bu madda ýaragly güýçleriň we polisiýanyň düzümine girýän şahslaryň bu hukukdan peýdalanmaklaryna kanuny çäklendirmeleri girizmeklige päsgel bermeýär.

### Şeýle-de seret:

- Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar barada Halkara pakt: 8-nji madda
- Adam hukuklarynyň ählumumy deklarasiýasy: 20-nji madda
- Jyns babatdaky kemsidilmeleriň ähli görnüşlerini ýatyrmak barada Halkara Konwensiýa: 5(ix) madda
- Çaganyň hukuklary barada Konwensiýa: 15 madda
- Maýyplaryň hukuklary barada Konwensiýa: 29-njy madda
- Hukuk goraýjylar barada deklarasiýa: 5-nji madda
- Halkara zähmet guramasynyň konwensiýalary: No. 87, No. 98, No. 135

### Esasy sebitleýin resminamalar:

- Adamzadyň we milletleriň hukuklary boýunça Afrika Hartiýasy: 10-njy madda
- Çaganyň hukuklary we maddy üpjünçiligi boýunça Afrika Hartiýasy : 8-nji madda
- Adamzadyň hukuklary we borçlary boýunça Amerika Deklarasiýasy: 22-nji madda
- Adam hukuklary boýunça Amerika Konwensiýasy: 16-njy madda
- Adam hukuklary boýunça Ýewropa Konwensiýasy: 11-nji madda
- Esasy hukuklar barada Ýewropa bileleşiginiň Hartiýasy: 12-nji madda

### Jenaýatçylyga garşy göreşmek assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugyny çäklendirmek üçin kanuny esas bolup bilermi?

**Ýok**

Kezzapçylyga, bikanun ýol bilen alnan serişdelere we beýleki jenaýatlara garşy göreşmeklik döwletiň kanuny bähbitleri esasynda alnyp barylýar. Muňa garamazdan, kanuny bähbitler öz-özünden ýeterlik esas bolup durmaýar. Bu çäklendirmeler kanun tarapyndan kesgitlenilmelidir we demokratik jemgyýetiň "zerur şerti" bolmalydyr. Öz mazmuny boýunça goraglylygy üpjün etmek bilen, olar hökmany suratda öňde goýlan maksada ýetmegiň iň pes çäklendiriji serişdesi bolmalydyr (A/HRC/23/39, 8 sahypa, 23 bent; ICCPR, 12-nji madda).

### Hökümet tarapyndan saýlaw döwründe assosiasiýanyň hukugyna ýörite çäklendirmeler girizilip bilnermi?

**Ýok**

Her bir döwletiň durmuşynda saýlaw döwri demokratiki ýörelegeleri pugtalandyrmak üçin möhüm pursat bolup durýar. Saýlaw döwründe çäklendirmeleri girizmekligiň çägi hemişekiden ýokary bolmaly (A/68/299, 10 sahypa, 25 bent). Eger-de assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugy çäklendirilse, onda bu saýlawlar hakyky bolmaýar (A/68/299, sahypa 20, 56 bent). Birleşmeleriň hökümeti goldaýandygyna ýa-da goldamaýandygyna garamazdan, saýlaw bilen baglanyşykly işi alyp barmak babatynda erkin bolmalydyrlar (A/68/299, sahypa 17, 46 bent).

### Hasabatlylyk boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi ýa-da kanuny sähelçe bozany üçin birleşme goýberilip ýa-da onuň işi wagtlaýyn togtadylyp bilnermi?

**Ýok**

Eger-de birleşme hasabatlylyk boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda şeýle ujypsyz kanuny bozmalar birleşmäniň işiniň togtadylmagyna ýa-da onuň wekiliniň jenaýat ýazarlamasyna sezewar bolmagyna getirip bilmez. Ýöne ýüze çykan şeýle ýagdaýlarda birleşmeden bu nogsanlyklary gysga wagtda düzetmeklik talap edilip bilner (A/HRC/23/39, 12 sahypa, 38 bent). Birleşmaniň işiniň wagtlaýyn saklanylmagy ýa-da onuň mejbury goýberilmegi milli kanunçylygy gödek bozmak howpy dörän halatynda mümkin bolup biler. Şeýle çäreler adam hukuklary çygryndaky halkara kadalaryna laýyklykda alnyp barylmalydyr. Olar kanun tarapyndan öňde goýlan maksatlara gabat gelmelidir we olar has ýumşak temmi çareleri ýeterlik bolmadyk halatynda ulanylmalydyr (A/HRC/20/27, 18 sahypa, 75 bent). Mundan başga-da, şeýle çürt-kesik çözgütler diňe garaşsyz we adalatly kazyýet tarapyndan kabul edilip bilner (A/HRC/20/27, 18 sahypa, 76 bent).

### Assosiasiýa bolan hukugym bozulan halatynda meniň netijeli hukuk goragyna hukugym barmy?

**Hawa**

Döwletler adam hukuklarynyň, şol sanda assosiasiýanyň azatlyga bolan hukugynyň bozulmagy baradaky arzalara özbaşdak, çalt we jikme-jik seretmegiň elýeterli we netijeli mehanizmlerini döretmäge borçludyrlar (A/HRC/20/27, 19 sahypa, 77 bent). Assosisiýanyň azatlyga bolan hukugy esassyz çaklendirilen halatynda zyýan çekenler zyýanyň öwezini almaga hem-de adalatly we ýerlikli öwezini dolmalara hukugy bolmalydyr (A/HRC/20/27, 19 sahypa, 81 bent).